**Terrorçylyga, başbozarlyga we ekstremizme garşy göreşde hyzmatdaşlyk etmek hakynda Hytaý Halk Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky**

**Y L A L A Ş Y K**

Hytaý Halk Respublikasy we Türkmenistan (mundan beýläk – Taraplar),

*özygtyýarlylyga, deňlige özara hormat goýmak esasynda we özara peýdaly hyzmatdaşlyk etmek maksady bilen,*

*terorçylyga, başbozarlyga we ekstremizme garşy göreşde netijeli hyzmatdaşlyk etmek boýunça şertleri döretmek maksatlary üçin,*

şu Ylalaşygy baglaşmagy karar etdi hem-de aşakdakylar barada ylalaşdy:

## 1-nji madda

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin,

(a) Terrorçylyk şulary aňladýar:

(i) şu Ylalaşyga Goşundyda ýatlanylan islendik şertnama laýyklykda jenaýatçylyk diýlip ykrar edilen islendik hadysany,

(ii) ýaragly dawa wagtynda işjeň harby hereketler bilen meşgullanmaýan raýat ilatynyň ýa-da islendik adamlaryň ölümine ýa-da olara beden taýdan düýpli zeper ýetmegine getirýän, ýa bolmasa fiziki desgalara düýpli zelel ýetirýän islendik hadysany, şeýle hem öz häsiýeti ýa-da ýagdaýy boýunça raýatlary gorkuzmak, jemgyýetçilik howpsuzlygyny opurmak ýa bolmasa hökümet agentliklerini ýa-da halkara guramalaryny Taraplaryň içerki kanunçylygyna laýyklykda temmi berilýän hereketi ýa-da hereketsizligi amala aşyrmaga mejbur etmek hadysasy hökmünde baha berlip bilinjek ýokarda ýatlanylan hadysalary guramagy, meýilnamalaşdyrmagy, olara gatnaşmagy ýa-da ýokarda görkezilen hereketlere gatnaşmagy;

b) Başbozarlyk milli çägiň bitewiligini opurmaga, şol sanda zorluk arkaly milli çägiň bir bölegini aýyrmaga ýa-da döwleti böleklere bölmäge, şeýle hem Taraplaryň içerki kanunçylygyna laýyklykda temmi berilýän ýokarda ýatlanylan hereketler üçin dildüwüşügi meýilnamalaşdyrmaga, taýýarlamaga, oňa gatnaşmaga ýa-da ony guramaga gönükdirilen islendik hadysany aňladýar.

(ç) Ekstremizm zorluk arkaly döwlet häkimiýetini basyp almaga we oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň konstitusion ulgamyny üýtgetmäge, jemgyýetçilik howpsuzlygyny bozmaga, şeýle hem Taraplaryň içerki kanunçylygyna laýyklykda temmi berilýän ýokarda ýatlanylan maksatlar üçin ýaragly toparlanyşygy guramaga ýa-da bikanun ýaragly toparlanyşyga gatnaşmaga gönükdirilen islendik hadysany aňladýar.

2. Taraplar 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketlere göwnejaý ýagdaýda degişli temmi beriljekdigini kepillendirmek üçin zerur çäreleri görer, şol sanda milli kanunlary peýdalanar.

## 2-nji madda

1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketler terrorçy, başbozar ýa-da ekstremistik guramany guramak, oňa ýolbaşçylyk etmek ýa-da oňa agzalyga girmek bilen baglanyşykly hereketleri öz içine alar.

## 3-nji madda

1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketler islendik terrorçylyk, başbozarlyk ýa-da ekstremistik işi amala aşyrmak üçin maliýeleşdirmegi, okatmagy we tilsimatlar hem-de ýarag bilen üpjün etmegi öz içine alar.

## 4-nji madda

1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketler eýeçiligiň gelip çykyşyny we häsiýetini ýaşyrmak ýa-da gizlemek üçin şeýle eýeçiligiň 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketlerden alnan bikanun girdejilerden ýa-da peýdadan ybarat bolup durýandygy hakyndaky maglumatlary bolan adam tarapyndan amala aşyrylýan şu hereketleri öz içine alar:

(a) bank hasaplarynyň berilmegini;

(b) eýeçiligi nagt pula ýa-da maliýe serişdelerine öwürmäge kömek bermegi;

(ç) hasaba geçirmek ýa-da başga serişdeler arkaly gaznalary bermekde kömek etmegi;

(d) gaznalary daşary ýurtlara geçirmekde kömek etmegi; ýa-da

(e) başga serişdeler bilen ýokarda ýatlanylan bikanun girdejileriň we peýdanyň gelip çykyşyny hem-de häsiýetini ýaşyrmagy ýa-da gizlemegi.

### 5-nji madda

1-nji maddanyň 1-nji bölüminde ýatlanylan zorluk zäherli we radioaktiw serişdeleri hem-de ýokanç keselleri döredijileri we başgalary peýdalanmagy öz içine alýar.

### 6-njy madda

1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketler şeýle hereketlere synanyşyklary öz içine alar.

### 7-nji madda

1. Ekstradisiýanyň we hukuk kömeginiň maksatlary üçin 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketlere syýasy jenaýat hökmünde garalmaz. Syýasy jenaýat esasynda şeýle hereketleri amala aşyrmakda günälenilen adamy ekstradasiýa etmekden ýüz dönderilmez, şeýle hem şol esasda zerurlygy şeýle hereketlere gatnaşygy bolan işlerden gelip çykýan hukuk kömegini bermekden ýüz dönderilmez.

2. Taraplaryň her biri beýleki Tarapyň 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketleri amala aşyrmakda günäkärleýän islendik adamyna gaçybatalga bermez.

### 8-nji madda

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin Taraplaryň her biri şu Ylalaşygy ýerine ýetirmek boýunça Merkezi edarany bellär we diplomatik ugurlar arkaly şeýle bellemek barada beýleki Tarapa habar berer. Ýokarda agzalan bellemek barada üýtgetmeler bolan halatda degişli Tarap şeýle üýtgetmeler hakynda beýleki Tarapa habar berer.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminde ýatlanylan Merkezi edaralar Hytaý Halk Respublikasy üçin Jemgyýetçilik howpsuzlygy ministrligi we Türkmenistan üçin Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi bolup durýar.

3. Taraplaryň Merkezi edaralary şu Ylalaşygy ýerine ýetirmegiň maksatlary üçin gönüden-göni gatnaşyk eder we öz hereketlerini utgaşdyrar.

4. Taraplaryň Merkezi edaralary aragatnaşyk ýollary, şol sanda gündelik gatnaşyklaryna jogap berýän edarasy, onuň telefon we faks nomeri, şeýle hem elektron poçta salgysy babatda biri-birine habar berer. Aragatnaşyk usuly üýtgän halatda degişli Tarap şeýle üýtgeme barada beýleki Tarapy çalt habardar eder.

**9-njy madda**

1. Taraplaryň Merkezi edaralary 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketlere garşy göreş alyp barmak boýunça maglumatlary alyşmak, deňeşdirmek we syýasaty utgaşdyrmak maksady bilen, iki Tarapyň departamentleriniň hem-de bilermenleriniň arasynda yzygiderli duşuşyklary we geňeşmeleri geçirmegiň usulyny bellär.

2. Bir Tarapyň Merkezi edarasynyň ýüztutmasy boýunça Tarapyň ikisiniň Merkezi edaralary şu Ylalaşygy ýerine ýetirmegiň meseleleri babatda ýörite duşuşyklary we geňeşmeleri geçirer.

**10-njy madda**

Taraplaryň Merkezi edaralary şu aşakdakylar ýaly birek-biregi gyzyklandyrýan maglumatlary alşar:

(a) eger şeýle maglumat bar bolsa, islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik gurama we olaryň agzalary, şol sanda şeýle guramalaryň ady, düzümi hem-de esasy hereketleri, şeýle hem olaryň agzalarynyň ady, milleti, hemişelik ýaşaýan ýeri ýa-da ýaşaýyş ýeri, beden alamatlary baradaky maglumatlary, fotosuratlaryny, barmaklarynyň yzyny we olaryň bolýan ýerini kesgitlemekde we olary tanamakda kömek edip biljek beýleki maglumatlary;

(b) islendik Tarapyň çäklerinde 1-nji madanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketleri amala aşyrmak üçin islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik guramany meýilnamalaşdyrmak hem-de okatmak, şeýle hem şonuň ýaly guramalary okatmagyň binýady hakyndaky maglumatlary;

(ç) Taraplaryň biriniň garşysyna 1-nji madanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketleri taýýarlamak we geçirmek üçin üçünji ýurdy peýdalanýan islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik guramalar hakyndaky maglumatlary;

(d) zäherleýji, radioaktiw, ýokanç serişdeleriň we partladyjy maddalaryň hem-de ot berijileriň, ýaraglaryň hem-de ok-därileriň, ýadro ýaragynyň, himiýa ýaragynyň, biologiýa serişdeleriniň we beýleki köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň, şeýle hem haýsydyr bir terrorçy, başbozar we ekstremistik guramalaryň, şonuň ýaly-da olaryň agzalarynyň ýaraglaryň ýokarda ýatlanylan görnüşlerini öndürmegi üçin serişdeleriň we enjamlaryň bikanun

taýýarlanylmagy, satyn alynmagy, saklanylmagy, öndan-oňa geçirilmegi, daşalmagy, satylmagy, peýdalanylmagy ýa-da peýdalanmak howpunyň salynmagy hakyndaky maglumatlary;

(e) islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik guramalaryň Taraplaryň biriniň döwlet baştutanyna, beýleki döwlet ýolbaşçylaryna, diplomatik edaralaryna, konsullyk agentliklerine, halkara guramalarynyň işgärlerine, wekiliýetlerine we möhüm desgalaryna terrorçylykly çozuşlary ýa-da terrçylykly hüjümleri amala aşyrmak wehimi hakyndaky maglumatlary;

(ä) islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik guramalar tarapyndan terrorçylyk, başbozarlyk we ekstremizm baradaky wagyz ediş serişdeleriniň (şol sanda metbugat we eşitdiriş-görüş önümleriniň) bikanun öndürilmegi hem-de ýaýradylmagy hakyndaky maglumatlary;

(f) islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik guramalaryň maliýe çeşmeleri we olary maliýeleşdirmegiň ugurlary hakyndaky maglumatlary;

(g) islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik guramalaryň hereketleriniň häsiýeti, ulanyş nusgalary, usullary we serişdeleri hakyndaky maglumatlary;

(h) islendik terrorçy, başbozar we ekstremistik guramalaryň hereketleriniň öňüni almagyň, olary ýüze çykarmagyň we basyp ýatyrmagyň tejribesine degişli razwedka maglumatlaryny, habarlary hem-de maglumatlary;

(i) bir Tarapyň 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketleri beýleki Tarapyň çäklerinde ýerine ýetirmekde şübhelenilýän raýatyna degişli bolan, şol adamyň beden maglumatlary, tanadyş resmi namalary, hemişelik ýaşaýan ýeri ýa-da ýaşaýyş ýeri, fotosuraty we başgalary ýaly maglumatlary;

(j) terrorçylyk, başbozarlyk we ekstremistik hereketler üçin gaznalary, tilsimatlary, ýaragy, okatmagy üpjün edýän guramalar ýa-da şahsy adamlar baradaky maglumatlary.

## 11-nji madda

Taraplaryň her biri öz çäklerinde beýleki Tarapyň garşysyna 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketleri ýerine ýetirýän islendik guramany gadagan eder.

## 12-nji madda

Taraplar ekstradisiýa degişli öz içerki kanunçylygynda we öz aralaryndaky ikitaraplaýyn şertnamalarda rugsat berlen derejede geňeşmek arkaly ekstradisiýany we bermek amallaryny ýönekeýleşdirip biler.

## 13-nji madda

Kazyýet kömegi babatda ýüz tutulýan Tarap öz içerki kanunçylygyna rugsat edilen derejede we ýüz tutýan Tarapyň ýüztutmasy boýunça şu kömekleri üpjün eder:

(a) ýüz tutýan Tarapyň Merkezi edarasynyň ýa-da diplomatik ýa bolmasa konsullyk edarasynyň wekiline ýüz tutýan Taraýň garşysyna 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketler bilen baglanyşykly işler boýunça kazyýete gatnaşmaga mümkinçilik berer;

(b) ýüz tutýan Tarapyň Merkezi edarasynyň ýa-da diplomatik ýa bolmasa konsullyk edarasynyň wekiline derňew wagtynda derňewe gatnaşmaga we derňelýän wagtynda şübhelenilýäne ýa-da günälenilýäne, ýa bolmasa şaýada, ejir çekene ýa-da bilermene gönüden-göni ýa bolmasa ýüz tutulýan Tarapyň wezipeli adamynyň üsti bilen sowallar bermäge mümkinçilik berer;

(ç) 1-nji maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen hereketler bilen baglanyşykly işleri derňemekde ýüz tutýan Tarapyň ygtyýarly edarasy bilen hyzmatdaşlyk eder ýa-da oňa kömek bermegi üpjün eder. Beýleki Tarapyň razylygy bilen ýüz tutýan Tarap kömek bermegi üpjün etmek üçin beýleki Tarapyň çäklerine işçi toparyny iberip biler. Bu işe gatnaşýan adamlar degişli halkara konwensiýalaryny, ikitaraplaýyn ylalaşyklary we beýleki Tarapyň içki kanunçylygyny berjaý etmelidir.

## 14-nji madda

1. Şu Ylalaşygy ýerine ýetirmek maksady bilen, Taraplar polisiýa ylmy-barlaglary, tilsimat alyşmalary, polisiýa tilsimatlaryny ösdürmek we kämileşdirmek we başgalar, şol sanda birek-birege zerur tilsimat hem-de maddy kömegi bermek babatda hyzmatdaşlygy ösdürer.

2. Eger beýleki Tarap deslapdan ýazmaça razylyk bermese, Taraplaryň biri beýleki Tarapdan alnan maglumatlary, ýörite enjamlary, serişdeleri we abzallary islendik üçünji Tarapa ibermeli däldir.

3. Eger deslapdan ýazmaça ylalaşyk bolmasa, Taraplar şu Ylalaşyga laýyklykda birek-birege kömek berlen mahaly ulanylýan detektiw usullar, hünärli işgärler, ýörite enjamlar we tehniki serişdeleriň hajatlary hakyndaky maglumatlary üçünji Tarapa bermez ýa-da ýaýratmaz.

4. Taraplaryň Merkezi edaralarynyň arasyndaky birsyhly duşuşyklaryň, maglumatlary alyşmagyň we hyzmatdaşlygyň mazmuny berk gizlinlikde

saklanar. Olar Taraplaryň deslapdan razylygy bolmasa, haýsydyr bir üçünji Tarapa aýan edilmeli däldir.

**15-nji madda**

Eger başga ylalaşyk ýok bolsa, her bir Tarap şu Ylalaşyk ýerine ýetirilen mahaly ýüze çykan öz harajatlaryny özleri çeker.

**16-njy madda**

Taraplaryň Merkezi edaralary şu Ylalaşyk boýunça hyzmatdaşlyk eden mahaly iş dilleri hökmünde türkmen we hytaý dillerini ulanmalydyr.

**17-nji madda**

Şu Ylalaşyk Taraplaryň şu Ylalaşygyň mazmuny boýunça, şeýle hem şu Ylalaşygyň maksatlaryna we wezipelerine ters gelmeýän meseleler boýunça beýleki halkara şertnamalaryny baglaşmak hukugyny çäklendirmez, şunda şu Ylalaşyk Taraplaryň beýleki halkara şertnamalaryna laýyklykda haýsydyr bir hukuklaryna ýa-da alan borçnamalaryna täsir etmez.

**18-nji madda**

Şu Ylalaşygy düşündirmekden ýa-da ýerine ýetirmekden gelip çykýan islendik jedel diplomatik ugurlar boýunça geňeşmek arkaly düzgünleşdiriler.

**19-njy madda**

Her bir Tarap şu Ylalaşygy güýje girizmek boýunça öz milli kanunçylyk amalarynyň tamamlanandygy hakynda beýleki Tarapa diplomatik ugurlar boýunça habar berer. Şu Ylalaşyk soňky habarnamanyň iberilen senesinden soň otuzynjy günde güýje girer.

**20-nji madda**

1. Şu Ylalaşyk wagtyň çäklendirilmedik döwrüniň dowamynda hereket eder.

2. Taraplaryň her biri diplomatik ugurlar boýunça beýleki Tarapy ýazmaça habardar etmek arkaly şu Ylalaşygyň hereketini bes edip biler. Bes

etmek şeýle habarnamanyň iberilen senesinden başlap, on iki aýyň geçmegi boýunça güýje girer.

Öz degişli Hökümetleri tarapyndan göwnejaý ýagdaýda ygtyýarly edilen, aşakda gol çeken ygtyýarly wekiller ŞUNY TASSYKLAP, şu Ylalaşyga gol çekdi.

2006-njy ýylyň Gurbansoltan (aprel) aýynyň «…..» Pekin şäherinde türkmen, hytaý we iňlis dillerinde iki asyl nusgada amal edildi, ähli ýazgylar deň derejede birmeňzeşdir. Düşündirilende çaprazlyklar ýüze çykan halatda iňlis dilindäki ýazgy ileri tutular.

**HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ ADYNDAN**

**TÜRKMENISTANYŇ ADYNDAN**

**Goşundylar:**

1. Howa gämisiniň bortunda amala aşyrylan hukuk düzgüniniň bozulmalary we kesgitlenilen beýleki hereketler hakynda 1963-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 14-inde Tokioda gol çekilen Konwensiýa

2. Howa gämileriniň bikanun basylyp alynmagyna garşy göreş alyp barmak hakynda 1970-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 16-synda Gaagada gol çekilen Konwensiýa

3. Raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen bikanun hereketlere garşy göreş alyp barmak hakynda 1971-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 23-inde Monrealda gol çekilen Konwensiýa

4. Halkara goragyndan peýdalanýan adamlaryň, şol sanda diplomatik agentleriň garşysyna jenaýatlaryň öňüni almak we onuň üçin temmi bermek hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1973-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 14-inde kabul eden Konwensiýasy

5. Girewleriň basylyp alynmagyna garşy göreş alyp barmak hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1979-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 17-sinde kabul eden Konwensiýasy

6. Ýadro serişdesini fiziki taýdan goramak hakynda 1980-nji ýylyň Nowruz aýynyň 3-inde Wenada kabul edilen Konwensiýa

7. Raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen bikanun hereketlere garşy göreş alyp barmak hakyndaky Konwensiýa goşulýan, halkara raýat awiasiýasyna hyzmat edýän howa menzillerinde bikanun zorluk hereketlerine garşy göreş alyp barmak hakynda 1988-nji ýylyň Baýdak aýynyň 24-inde Monrealda gol çekilen Teswirnama

8. Deňiz gämi gatnawynyň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen bikanun hereketlere garşy göreş alyp barmak hakynda 1988-nji ýylyň Nowruz aýynyň 10-ynda Rimde gol çekilen Konwensiýa

9. Halkara raýat awiasiýasyna hyzmat edýän howa menzillerinde bikanun zorluk hereketlerine garşy göreş alyp barmak hakynda 1988-nji ýylyň Nowruz aýynyň 10-ynda Rimde gol çekilen Teswirnama

10. Bomba arkaly terrorçylyga garşy göreş alyp barmak hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1997-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 15-inde kabul eden Halkara konwensiýasy